# Dünýä taryhynyň iň ilkinji gyrgynçylygy

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dünýä taryhynyň iň ilkinji gyrgynçylygy DÜNÝÄ TARYHYNYŇ IŇ ILKINJI GYRGYNÇYLYGY

Taryhçylar Keniýada tapylan 10 müň ýyllyk adam ystyhanynyň galyndylarynyň iň gadymy eýýamda bolup geçen uruşyň delili bolmagynyň mümkindigini aýtdylar.
«BBC»-niň habar bermegine görä, arheologlar Turkana kölüniň günbatartbda ýer alan Nataryjdaky gazuw-agtaryş uçastogynda depin edilmedik 27 adamyň jeset galyndylaryna duş geldi. Munuň 10 müň ýyl mundan öň bolup geçen urşuň delili bolup çykaýmagynyň mümkindigini aýtdylar.
Sebitde 2012-nji ýyldan bäri iş geçirip ýören arheologlar arasynda aýal we çagalaryňam bolan 27 adamyň çarwa durmuşda ýaşaýan awçylaryň arasynda ýüze çykan çaknyşygyň netijesinde, pyçaklanyp öldürilendigini çakladylar.
Barlag işlerini alyp barýanlardan Marta Mirazon Lahr gyrgynçylygyň tebigy resurslary ele geçirmek üçin amala aşyrlan bolmagynyň mümkindigini aýtdy. Kembriž uniwersitetinden Robert Foleý bolsa bu barada eden çykyşynda orta atylýan delilleriň gürrüňi gidýän adamlara näme bolandygyny anyklamaga ýeterlik däldigini, ýöne şunça adamyň bir ýerde ölmegine «haýsydyr bir çaknyşyk» sebäp bolandyr diýmäge esas döredýändigini aýtdy.
Aw toplaýjylaryň duran ýerlerini aňsatlyk bilen taşlap gitmekleri üçin bular ýaly çaknyşyklara giren däldigini çaklaýan Foleýiň pkirine görä, täze tapyndylar oturumly durmuşa geçmezden öňki toparlaryň iýmit resurslary sebäpli özara bäsdeşlige girendiklerini görkezýär.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlanyldy. Taryhy makalalar